# Ýurt gadyry

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýurt gadyry ÝURT GADYRY

Käte-käte ogullardan hat gelýär,
Käte jañ edýärler gözel illerden.
«Aman-esen okap ýörüs» diýen söz,
Rahatlyk getirýär uzak ýollardan.

Diýýärler: «Biz halda alada etmäñ,
Arkamyzda ýurdumyz dur dag bolup».
Ýaş aýlanýar eneleriñ gözüne,
Hoş habara göwünleri çag bolup.

Bu günlere mübäreklik ýaraşýar,
Ogullar kämillik menzilne ýeten.
Ene-ata Watan bolup garaşýar,
Ene-ata bolup garaşýar Watan!

■ PENT

Eý, türk iman ogul, türk iman ogul,
Sen il üçin dogum, Gün üçin dogum!

Açyk bol, göni bol, berk guşa bili,
Illeriñ Güni bol, günleriñ ili!

Haýyr özeni bol, ýagşylyk paýy,
Aýlaryñ Güni bol, günleriñ Aýy!

Hajy KAKALYÝEW. Goşgular